# «Gyzdyrmaýar ýat ilde gün…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Gyzdyrmaýar ýat ilde gün…" «GYZDYRMAÝAR ÝAT ILDE GÜN…»



Gyzdyrmaýar ýat ilde gün,
Ol öňler ýakyp barýardy.
Emma Ukrainamda hem
Çydardan kyn halym bardy:
Görmedim söýgi, teşwüşi,

Gaçyp ýanardym halyma,
Doga edip ýuwaşjadan,
Gargardym pana-zalyma.
Peýda bolýar göz öňümde
Ir döwür: birtopar ogry
Isa azar berýär. Şindem
Ýaýnamazdy Merýem ogly.
Hiç ýerde duşanok bagtym,
Belki, bolmaz gülen wagtym.
Ukrainamda hem adam,
Ýat ildäki ýaly mydam!
Tabyt ýasap del agaçdan,
Munda jaýlamazlar ýaly…
Dnepr ilinden gelýän
Jahanyň mukaddes ýeli
Getirsedi bir owuç gum!
Şoldur islegim, adamlar…
Nätjek, elimden gelmese…
Hakdan hem närza bolmalyň,
Diýen zadymyz bolmasa!
* * *

Men haýran. Geljek zat barmy eliňden?
Neneňsi çözmeli ömrüň bu towun?
Halkdan, bagtdan närazylyk däl gowy,
Eýsem, nätjek ömrüň bu menzilinde?
Haçan boşadarlar – etmek hem kyn çak.
Zynjyra baglangy nädip ýaşajak?
Zynjyry diş bilen kertip bilsemdim,
Az-azdanjyk kertip, ahyr ýolsamdym…
Zynjyr ýasan ýasamandyr ýolarly
Taplan ussa has hem ussa bolarly.
Dadymyza ýetişjek ýok şu pille,
Urala ýanaşýan ummasyz çölde!

Taras ŞEWÇENKO.

Terjime eden: Çary AŞYROW. Goşgular